# Türkmenistanda görünen näbelli uçýan obýekt hakynda

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Türkmenistanda görünen näbelli uçýan obýekt hakynda TÜRKMENISTANDA UFO-lar



Sowet Soýuzy döwründe UFO, ýagny, näbelli uçýan obyektler hakynda köp täsin hadysalar bolup geçipdir. Yöne, bu wakalary sowet hökümeti juda syr astynda saklapdyr. 1984-nji Yylda Astrahanda howa hüjüminden goranyş (HHG-ПВО) sistemasynyñ radarlarynda 2 kilometr belentlikde Kaspiý (Hazar) deñzinde disk şekilli näbelli obýekt peýda bolupdyr. Ol obýekt operatorlara jogap bermänsoñ, harby bölümden 2 sany raketa atylypdyr. Bu raketalaryñ hiç biri obýekte ýetmändir. Disk birden aşaklygyna uçup, deñziñ 50 metr üstünden uçmaga başlapdyr. Näbelli obýekt uçuşyny Krasnowodska, (häzirki

Türkmenbaşy) çenli dowam etdiripdir. Ýokary komandowaniýanyñ buyrugy bilen, Krasnowodsk harby bölümleriniñ birinden harby wertolýoty herekete geçirilyär. Wertolyotdan ot açylyp başlansoñ, bu obýekt ýokaryk galyp, günorta tarapa uçup, radarlardan yitipdir. Bu wakadan 3 aý geçensoñ, Krasnowodskidäki radiolokasiýa rotasynyñ kapitany Waluyew, 20 km belentlikde, diametri 1000 m barabar bolan, hereketsiz äpet şar görnüşli obyektiñ peýda bolandygyny habar beryär. Birden bu obýektden diametrleri 6-7 m bolan iki disk çykýar we Krasnowodskiden 2 km uzaklykda Kaspiý deñziniñ gyrasyna gonýarlar. Kaspi deñiz flotiliýasyndan bu iki obýekte dogry patrul katerlerini ugradýarlar. Katerler golaýlanda bu iki UFO ýokary galyp, 200 m uzaklaşýarlar. Ýene ýakynlaşyarlar, näbelli obyektler ýenede uzaklaşýarlar. 5 gezek yaly gaýtalanypdyr. Soñunda bu diskler ýokaryk galyp, uly obýekte girýärler we radarlardan ýitýärler. Ýöne, iñ gynançly hadysa bolsa, 1981-nji ýylda Türkmenistanda Gyzylarbatdaky istrebitel awiapolkunda bolup geçýär. Bu polkuñ aerodromunuñ golaýynda 7 km belentlikde silindr şeklinde 100×200 m ölçeginde näbelli obýekt peýda bolupdyr. Komandiriñ buýrugy boýunça asmana 2 sany perehwatçik istrebitel samolýody galdyrylyar. Iki samolýodyñ birine: Iki raketa bilen: «Ot aç!» buyrugy berilyär. Emma, bu samolýotyñ hem raketalary, hemde samolýotyñ özi ekipajy bilen radarlardan yityär. Bile uçan gapdalyndaky samolýotyñ lýotçigi onuñ yitişini gözi bilen görüpdir. Ol pilot sag aman ýere gonupdyr. Töwerek territoriyadan ýiten samolýoty gözläpdirler, emma, bölek parçalary hem tapdyrmandyr. Şol wagtky Türküstan harby okrugyna bagly bolan bu polkdaky wakany Sowet hökümeti gizlin saklapdyr.

Çeşme: Kanada Ekspres (Ýyldyz söweşleri – Rus yzlary) Geň-taňsy wakalar